# Meñzetmeseñ bolýar arwahdyr jyna

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Meñzetmeseñ bolýar arwahdyr jyna MEÑZETMESEÑ BOLÝAR ARWAHDYR JYNA

(edebi ýañsylama)

*«…Güm bolsun setirlem,*
*It kimin çyñsap.»*
**Ýagmyr Pirgulyýew.**
***«Sowet edebiýaty», N-2, 1985-nji ýyl.***

Isle – begen,
Isle – gynan
Party ýok.
Ýazan setirleriñ duzy ýok, duzy.
Onuñ Aly Hezretleri Poeziýa,
Harpygyñy saýlap, söýýändir uzy.

Isle – ite meñzet,
Isle – pişige.
Okyjyñ göwnüni bilmänsiñ awlap.
Gitdiler şo bada ýüreklerimizden,
Doñuz deý horkuldap,
Pişik deý mawlap.

Isle – ýene-de ýaz,
Isle – nokat goý.
Ol seniñ öz işiñ
Okyjyñ çyny.
Beýik Poeziýany –
Ynsan aýdymyn
Meñzetmeseñ bolýar arwahdyr jyna.

Öwezgeldi MÄTEROW,
Murgap raýony.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Goşgular